# Adam ýüzli owlak

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Adam ýüzli owlak

ADAM ÝÜZLI OWLAK

Malaýziýanyň günortasyndaky Felda obasynda adam ýüzli owlak dünýä indi. Geçiniň eýesi Ybraýym Basir görlüp-eşdilmedik adatdan daşary bu waka aňk-taňk boldy.
– Guzlan geçime esetmäge gitdim welin, gören zadyma ynanmadym – diýen Basir şeýle diýdi: – Agzymy açyp galdym. Ýüzi, burny, aýaklary, hatda ýumşajyk bedeni-de ýaňy doglan çagajyga çalymdaşdy. Ýöne tutuş bedenini gurşap alan goňras reňkli tüýler onuň owlakdygyna yşarat edýärdi.
Bu täsin owlak bilen baglanyşykly ýene bir zat bolsa, onuň göbeginiň ýoklugydyr. Doglanyndan soň kän ýaşamadyk owlagyň jansyz bedeni Weterinar hyzmatlary departamentine tabşyryldy.
Muňa meňzeş wakalar başga ýurtlarda-da kädaýym bolup durýar. Mysal üçin Dagystan respublikasynda-da adam ýüzli guzujyk dünýä inipdi. Şoňa meňzeş başga bir hadysa Türkiýäniň Izmir şäheriniň Tire etrabynda bolup geçdi. Adama meňzeş ýüzli owlak doglanynda görenleri haýrana goýdy. Ýeke dyrnakly owlak gülümsiräp duran erni we gözleriniň owasy adamyň ýüzüni ýatladýardy. Şeýle-de Palestinanyň Gazze şäherinde hem sekiz aýakly, adam ýüzli owlak dünýä inipdi.

# gizemligercekler_2016

Geň-taňsy wakalar